**Hususy telekeçileriň dykgatyna!**

Hormatly telekeçiler! Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygyna laýyklykda, hususy telekeçi hökmünde degişli döwlet salgyt edaralary tarapyndan bellige alnan ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslaryň we olarda zähmet şertnamasy esasynda işleýän işgärleriň zähmet depderçeleri Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ýerlerdäki zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralary tarapyndan resmileşdirilmäge degişlidir hem-de hususy telekeçileriň özleriniň zähmet depderçeleri ady agzalan bölümlerde saklanylmalydyr!

Şunuň bilen birlikde beýan edilen talaplaryň berjaý edilmezliginiň Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagyna getirýändigini belläp, bu kanun bozulmalaryň Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksine laýyklykda administratiw temmi çäresiniň ulanylmagyna getirip biljekdigini ýatladýarys.